***12-nji awgustda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Hazar deňziniň güni dabaraly bellenildi. Baýramçylygyň öňüsyrasynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyndaky «Hasyl» dynç alyş we sagaldyş merkezinde sportuň dürli görnüşleri boýunça bäsleşikler geçirildi. «Berkarar» myhmanhanasynda guralan «Hazar deňzi — dostluk we parahatçylyk deňzi» atly ylmy-amaly maslahat baýramçylygyň esasy çäresi boldy.***

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça Daşky gurşawy goramak ministrligi we Hazar deňzi instituty tarapyndan Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň goldaw bermeginde guralan bu foruma Hökümet agzalary, degişli ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylarydyr wekilleri, ýurdumyzyň degişli düzümleriniň we ylmy jemgyýetçiliginiň hünärmenleri, Hazarýaka döwletleriň Türkmenistandaky ilçihanalarynyň, halkara we sebit guramalarynyň wekilleri gatnaşdylar.

Maslahatyň öňüsyrasynda myhmanhananyň eýwanynda Hazar deňziniň tebigy gözelliklerini, Diýarymyzyň tebigaty goramak ulgamynda ýeten sepgitlerini görkezýän sergi ýaýbaňlandyryldy.

Forumyň dowamynda Hazarýaka ýurtlaryň hyzmatdaşlygynyň ykdysady, durmuş, ekologik meseleleriniň birnäçesiniň çözgüdini özünde jemleýän wajyp meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Ýygnananlar hormatly Prezidentimiziň adyna Ýüzlenme kabul etdiler. Hazar deňziniň gününiň çäklerinde medeni maksatnama taýýarlanylyp, myhmanlar üçin «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyna gezelençler guraldy.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026